# Esasy zat ýa-da gara gapy / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Esasy zat ýa-da gara gapy / satiriki hekaýa ESASY ZAT ÝA-DA GARA GAPY



Mebel, her dürli öý goşlary satylýan magazine bardym. Onuň direktory tanşymdy.
– Maňa bir düşek gerekdi – diýip, tanşyma ýüzlendim. Ol:
– Beýleden, howly tarapdan gel – diýip çalaja pyşyrdady. Men, diýlişi ýaly, «gara gapydan» geldim. Direktor bilen küde-küde halylaryň üstünde oturyp, şeýle äheňde gürrüň etdik:
– Ýeri, han ogul, men saňa birje haly berdimem-dä diýeli, onsoň näme?
– Onsoň men ony düýrlärin-de…
– Bar, düýrlediňem diýeli, yzyny aýt, yzyny…
– Yzyny aýtsam, haltamajyk salaryn…
– Ýeri, haltaňa saldyňam-da, soňunyň juk-juky näme?
– Soňunyň juk-juky, elimi kisäme sokaryn-da…
– Ýeri, ýeri, aýdyber, çekinmedejik aýdyber, onsoň?
– Onsoň, halynyň döwlet bahasyny kassa tölärin.
– Hawa, özüň-ä esasy zada golaýlaşýaň, onsoň näme?
– Onsoň içi halyly haltany arkama hop edip alaryn-da…
– Be, nähili, neneňsi bolaýdaý, ýeri onsoň?..
– Onsoň, «Sakawyň soňuna seret» diýipdirler.
– Haý, molodes, onsoň näme?
– Onsoňam bir etsem-petsemim bardyr.
– Berekella, berekella, ine müşteri diýibem saňa aýdaýsaň.

Soňunyň «hežoldysyny» aýt-da gutaraý.
– Aýtsam, haltamy arkama hopba edip, işige tarap…
– Dur, dur, şu ýerde esasy zat ýatdan çykdy.
– Be, men nämäni ýatdan çykardymkam?!
– Oňatja pikir et, esasy zat ýatdan çykdy.
– Ýok, haltam bilen halymy-ha aldym. Indi näme? Ýatdan çykan zat ýok.
– Iki egniň üstündäki şlýapa geýmek üçinmi ýa?.. – diýip, direktor meniň kelläme pitikledi-de, esasy zat ýatdan çykdy, esasy zat – diýip, gaharyndan ýaňa titir-titir edip, çilimini otlady. Menem kellämi tutan bolup:
– Puluny kassa töledim, çekini satyja berdim ahyry – diýdim.
– Ýak, walla, her hili berebekgeý, iki aýakly mahluk şindem baraý. Ýeri, şular ýaly düşünjesiz adamlar bilen nädip eşretli güne ýetjek diýsene – diýip, direktor gyzyl dişlerini syrtartdy. Soňra ol:
– Han ogul, esasy zat hakydaňa gelýänçä git-de, gezmeläp geliber – diýip, «gara gapa» tarap elini uzatdy.
Men bagda, gülleriň arasynda birsalym arassa howadan dem alyp gezdim. Ine, birdenem esasy zar güpbe ýadyma düşäýdi. Aldyrany bar ýaly bolup, ýene-de «gara gapydan» girdim.
– Hojaýyn, hojaýyn, indi maňa halynyň gowusyny berip bilersiň, men esasy zady bildim – diýip, demim-demime ýetmän aýtdym.
– Halal saňa, berekella, geregiň haly bolsun, arka ýüzüne geçeni gerekmi, burnuň gany ýaly gyzyly gerekmi, ýüzüňi ýetirin – diýip, direktor meni oňat garşy aldy. Ahyrky bir otagyna eltip, şokolad bilen konýak hödür etdi. Demimi mazaly dürsämsoň, ol maňa:
– Dostum, esasy zadyň nämedigini bilen bolsaň bize-de aýt-da – diýip, mylaýymlyk bilen ýüzlendi.
– Ýoldaş direktor, esasy zad-a sag bolsun ekeni. Şony unudaýypdyryn, bagyşlaň – diýdim.
– Ol-a şeýle weli, ýöne esasy zat, meniň pikirimçe… aý, iň gowusy, sen indiki bazar güni jygyldyga baraýsana. Şol ýerde «sag bolsuna» gowy halylar berilýämiş – diýdi-de, direktor maňa «gara gapyny» görkezdi.
Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar